**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir

# TALYP SPORTY

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

Dekabr, 2023 ý. 4-nji sany.
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly



## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

— ARKADAG SERDARLY BAGTYÝAR ÝAŞLAR ÝYLYNDA ZEHINLI, UKYP-BAŞARNYKLY, ZÄHMETSÖÝER, HER BIR IŞE DÖREDIJILIKLI ÇEMELEŞÝÄN ÝAŞLARYMYZ ULY ÜSTÜNLIKLERI, TARYHY ÝEŇIŞLERI GAZANDYLAR. OLAR ÝURDUMYZYŇ DÜRLI ULGAMLARYNYŇ ÖSÜŞINI HAS-DA ÖŇE ILERLETMEKDE ÖZ GÜÝÇ-KUWWATYNY, YHLASYNY, WATANA BOLAN SÖÝGÜSINI SIŇDIRIP, DÖWLETLI IŞLERE DAHYLLY BOLDULAR.

## ARKADAG SERDARLY BAGTYÝAR ÝAŞLAR ÝYLY: BUÝSANDYRYJY ÜSTÜNLIKLERIMIZ

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen şanly ösüşler ýoluna düşen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň täze tapgyrlarda gülleýän, ösýän beýik eýýamy bolup durmuşymyza ornaşdy. Bu ajaýyp eýýam Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, halkymyzyň öz syýasy erk-islegini erkin beýan edip, Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanan pursatlaryndan gözbaş alýar.

Bu ajaýyp eýýamyň Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly ýurdumyzyň ähli pudaklarynda, şol sanda sport ulgamynda ýaş hünärmenleriň uly üstünlikleri gazanan, döwletimiziň ösüşlerine mynasyp goşantlaryny goşan ýyly bolup, ähli ildeşlerimizi buýsanja besledi. Bu ýylyň on bir aýynyň dowamynda milli ýygyndy toparlarymyz halkara ýaryşlarynyň 184-sine, içerki ýaryşlaryň 112-sine gatnaşyp, medallaryň 739-syny gazandylar. Şol sanda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyp btürgenleriniň diňe halkara ýaryşlarynda gazanan medallarynyň umumy sany 140-a: 37 altyn, 41 kümüş we 62 bürünç medala deň boldy.

Şeýle üstünlikli çäreleriň hatarynda noýabr aýynda paýtagtymyzda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatyny aýratyn agzap geçmek bolar. Bu iri dünýä derejeli sport bäsleşiginde türgenlerimiz tarapyndan 5 altyn, 6 kümüş we 4 bürünç medal gazanyldy.

Ýaşlarymyzyň gazanýan ýeňişleriniň ýnamly Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hemişelik üns merkezindeligi biz üçin iň bir buýsançly ýagdaýdyr. Hormatly Prezidentimiz 30-njy noýabrda geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzda ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda, şol sanda sport ulgamynda gazanylan üstünliklerde ýaşlaryň uly ornunyň bolandygyny belläp, ýylyň ahyrynda Ýaşlaryň dabaraly maslahatynyň we sergisiniň geçirilmeginiň we ýurdumyzyň ösüşlerine goşant goşan ýaşlaryň sylaglanmagynyň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy. Döwlet Baştutanymyz ýaşlary sylaglamak bilen geljekki uly üstünliklere ýol açyljakdygyny nygtap, degişli ýolbaşçylara guramaçylyk toparynda ýaşlarymyzy çeken zähmetine, gazanan üstünliklerine görä sylaglamak meselesine seretmek we degişli teklipleri taýýarlamak babatda tabşyryk berdi. Şundan ugur alyp, 27 — 28-nji dekabarda paýtagtymyzda Ýaşlaryň sergisi we ylmy-amaly maslahaty geçirilip, onda Garaşsyz döwletimiziň şu günki ajaýyp ösüşleri, bu ösüşlerde ýaşlarymyzyň orny barada giňişleýin gürrüň edildi. Şeýle hem Garaşsyz döwletimiziň ösüşlerine mynasyp goşantlaryny goşan ýaşlarymyzyň ýüzlerçesine Şa serpaýlary ýapyldy. Olaryň hatarynda sport türgenlerimiziň, şol sanda biziň Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyp türgenleriniň bardygy biz üçin aýratyn buýsançlydyr.

(Dowamy 2-nji sahypada).

## ÝAŞLAR — WATANYŇ DAÝANJY

Hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz 25-nji dekabrda Ministrler Kabinetiniň ýurdumyzyň oba hojalyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasarynyň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi.

Döwlet Baştutanymyz iş maslahatynyň başynda oňa gatnaşýanlara we ähli ildeşlerimize ýüzlenip, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda zehinli ýaşlarymyzyň ýurdumyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşýandyklaryny belledi. Hormatly Prezidentimiz: «Ýaşlaryň gazanýan üstünlikleri bizi örän guwandyrýar. Ýakynda «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabym çapdan çykdy. Onda ýurdumyzyň ýaşlarynyň häzirki döwürde ýeten sepgitleriniň, gazanan üstünlikleriniň jemi jemlenilýär» diýip bellemek bilen, täze kitabyň 27-nji dekabrda geçiriljek halkara ylmy amaly maslahata we sergä sowgat boljakdygyny nygtady.



Döwlet Baştutanymyz: «Bu kitabyň ilkinji sanyny Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza sowgat hökmünde iberýärin» diýip belledi.

Hormatly Prezidentimiziň täze kitabyň ýany bilen iberen hatynda: «Siziň pähim-paýhasyňyzdan, öwüt-ündewleriňizden, halypalyk ýörelgeleriňizden ugur alyp, ýaşlarymyz her bir işi örän uly ruhubelentlik, jogapkärçilik bilen ýerine ýetirýärler. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň tamamlanyp barýan günlerinde men hem özümiň türkmen ýaşlarynyň durmuşyna, ykbalyna, ähli ugurlarda gazanan üstünliklerine bagyşlap ýazan «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabymy uly hormat bilen sowgat hökmünde Size iberýärin» diýlip aýdylýar.

**Aly MÄMMETGULYÝEW,**
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.

# ARKADAG SERDARLY BAGTYÝAR ÝAŞLAR ÝYLY: BUÝSANDYRYJY ÜSTÜNLIKLERIMIZ



Gahryman Arkadagymyz: «Sport diplomatiýasy biziň içeri we daşary syýasatymyzyň aýrylmaz bölegidir. Adamzadyň abadan, parahatçylykly, dostana ýaşaýşyny ähli zatdan ileri tutýan oňyn Bitaraplyk syýasatymyzyň üstünlikli amala aşyrylmagynda-da sport diplomatiýasynyň özboluşly ähmiýeti bardyr» diýip belleýär. Bu ajaýyp ýörelge öňde agzalyp geçilen Ýaşlar sergisiniň we ylmy-amaly maslahatynyň mazmunynda hem aýdyň beýanyny tapdy. Çärä dünýäniň dostlukly döwletlerinden ýaşlar, şonuň ýaly-da ýaş türgenler çagyryldy.

Biz ýurdumyzda ýaşlaryň bagtyýar geljegi üçin giň ýol açýan, halkymyzy eşretli durmuşda ýaşadýan Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň ömürleriniň uzak, janlarynyň sag, döwleti başlangyçlarynyň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris. Ildeşlerimizi Täze — 2024-nji luw ýylynyň gelmegi bilen gutlap, onuň ýurdumyzyň her bir raýaty üçin rysgally-döwletli ýyl bolmagyny arzuw edýäris.

Ogulnäzik ISENOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Diller kafedrasynyň müdiri.

## ÝYLYŇ TÄZELIKLERI

Halkara Kuraş Assosiasiýasy (IKA) Aşgabatda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatyny 2023-nji ýylyň iň gowy oýny diýip ykrar etdi.

Şonuň bilen birlikde, Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatyna gatnaşan milli ýygyndy toparymyz çempionata gatnaşan milli ýygyndy toparlaryň arasynda iň gowusy, şeýle-de türgen ýigitleri taýýarlamakda ýokary netijeleri görkezen Dörtguly Tejenow ýylyň kuraş boýunça iň gowy tälimçisi diýlip yglan edildi.

Mälim bolşy ýaly, bäsleşige 60-a golaý ýurtdan 500-den gowrak adam gatnaşdy. Onda milli ýygyndy toparymyz üstünlikli çykyş edip, 4 altyn, 6 kümüş we 4 bürünç medaly gazandy.

Göwher GARLYÝEWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.

# ARKADAG SERDARLY BAGTYÝAR ÝAŞLAR ÝYLYNYŇ JEMLERI

Paýtagtymyzyň Söwda-senagat edarasynda geçirilen Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylyna bagyşlanan halkara ylmy-amaly maslahatyň we serginiň barşynda Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynda altyn medal gazanan türkmen türgenleri Dinara Rozykulowa, Mariýa Lohowa, Wepa Awlýakulow, Sabina Kadyrowa hem-de Daýanç Omirow 2023-nji ýylda öndürilen «Toyota Fortuner SR5» kysymly awtomobiller bilen sylaglandylar.

Şeýle-de, döwlet Baştutanymyzyň gol çeken degişli resminamasyna laýyklykda, türkmen türgenlerini halkara ýaryşa taýýarlan tälimçiler, Dörtguly Tejenowa hem-de Şirin Kubaýewa «Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi» diýen hormatly atlar dakyldy. Şeýle hem olar «Toyota Camry» awtoulagy bilen sylaglanyldy.

Milli türgenlerimiziň bu dabarada mynasyp bolan sylaglary olaryň ýurdumyzyň ýaşlarynyň Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda sürli pudaklarda gazanan üstünlikleriniň, Garaşsyz döwletimiziň ösüşlerine goşan goşantlarynyň aýrylmaz bölegidir. Şanly ýylda gowşurylan Şa serpaýlary, tälimçilerimize dakylan hormatly atlar olary täze üstünliklere ruhlandyrýar.

Biz ýurdumyzyň sport abraýyny dünýä ýaýýan türgenlerimize we tälimçileriňize: «Şa serpaýlaryňyz gutly bolsun!» diýýäris.

Bägül GARAÝEWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.



Dörtguly TEJENOW,
Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi



Şirin KUBAÝEWA,
Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi



Dinara ROZYKULOWA,
Çempionatyň altyn medalynyň eýesi:



Mariýa LOHOWA,
Çempionatyň altyn medalynyň eýesi:



Wepa AWLÝAKULYÝEW,
Çempionatyň altyn medalynyň eýesi:



Sabina KADYROWA,
Çempionatyň altyn medalynyň eýesi:



Daýanç ÖMIROW
Çempionatyň altyn medalynyň eýesi:

# ARKADAG SERDARLY BAGTYÝAR ÝAŞLAR ÝYLYNYŇ JEMLERI

## ŞA SERPAÝYŇ EÝELERI



Gaýgysyz TÖRÄÝEW,
Ýylyň türgeni bäsleşginiň ýeňijisi.

Sportuň agyr atletika görnüşi boýunça milli ýygyndy toparynyň agzasy.

81 kilogram agram derejesinde 2023-nji ýylyň dowamynda halkara ýaryşlaryň 12-sine gatnaşyp, baýrakly orunlary eýeledi.



Şahzadbek MATÝAKUBOW,
Halkara ýaryşlarynyň birnäçe gezek ýeňijisi.

Sportuň agyr atletika görnüşi boýunça milli ýygyndy toparynyň agzasy.

96 kilogram agram derejesinde 2023-nji ýylyň dowamynda halkara ýaryşlaryň 9-syna gatnaşyp, baýrakly orunlary eýeledi.



Döwlet HEMRAKULYÝEW,
Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň bürünç medalynyň eýesi.

2023-nji ýylda paýtagtymyzda Aşgabatda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynda 66 kilogram agram derejesinde çykyş edip, 3-nji orna, bürünç medala mynasyp boldy.



Maýsa PARDAÝEWA,
Halkara ýaryşlarynyň birnäçe gezek ýeňijisi.

Sportuň dzýodo görnüşi boýunça milli ýygyndy toparynyň agzasy.

2023-nji ýylda Honüjouda geçirilen XIX Aziýa oýunlarynda bürünç medala mynasyp boldy.



Orazmuhammet USTAÝEW,
Halkara ýaryşlarynyň birnäçe gezek ýeňijisi.

Sportuň taekwondo görnüşi boýunça milli ýygyndy toparynyň agzasy

2023-nji ýylda halkara ýaryşlaryň 6-syna gatnaşyp baýrakly orunlara mynasyp boldy.

## BILIMDE, YLYMDA, DÖREDIJILIK IŞINDE ÜSTÜNLIKLER



Mamagül JORAÝEWA,
Ýylyň göreldeli topary bäsleşiginiň ýeňijisi bolan 232-nji toparyň toparbaşysy.



Serdargeldi NURMUHAMMEDOW,
Ýylyň talyby bäsleşiginiň ýeňijisi.



Jeren ABDULLAÝEWA,
Ýylyň žurnalisti bäsleşiginiň ýeňijisi.



Agaýusup GARAÝEW,
Halkara ýaryşlaryň birnäçe gezek ýeňijisi.



Täzegül AZIZOWA,
Ýylyň çärelerini wagyz etmekde işjeňlik görkezeni üçin.



Anastasiýa HLYSTOWA,
Ýylyň ders bäsleşikleriniň ýeňijisi.



Ýelizaweta RAHMANOWA,
Ýylyň ders bäsleşikleriniň ýeňijisi.



Perhat KERIMOW,
Ýylyň ders bäsleşikleriniň ýeňijisi.



Aýhan ARSLANOW,
Ýylyň ders bäsleşikleriniň ýeňijisi.



Amir HAMAÝUN,
Halkara ýaryşlaryň birnäçe gezek ýeňijisi.



Nurmuhammet BAÝDOGDYÝEW,
Halkara ýaryşlaryň birnäçe gezek ýeňijisi.



Madina MAHMUDOWA,
Ýylyň çärelerini wagyz etmekde işjeňlik görkezeni üçin.



Ogultuwak ORAZMYRADOWA,
Ýylyň çärelerini wagyz etmekde işjeňlik görkezeni üçin.



Mährigözel SUHANOWA,
Ýylyň çärelerini wagyz etmekde işjeňlik görkezeni üçin.



Arzuw ŞAÝYMOWA,
Ýylyň çärelerini wagyz etmekde işjeňlik görkezeni üçin.

Gyşky oýunlar

# ÝYLDYRYM ÇALTLYGYNDA ÖSÝÄN SPORT



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Arkadagymyzyň başyny başlan milli sportumyzy ösdürmek babatda başlangyçlarynyň Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýän we täze basgançaklara çykarylýan ajaýyp zamanasydyr. Bu döwürde sportuň ýurdumyzda däp bolup gelýän görnüşleri bilen birlikde gyşky, ýagny buzuň üstünde oýnalýan görnüşleri, şol sanda buzda figuralaýyn typmak, tans sporty, hokkeý ýaly görnüşleri ýyldan-ýyla rowaçlanyp barýar.

Gyşky oýunlaryň iň bir özüne çekijileriniň biri hem hokkeýdir. Maglumatlara ser salanyňda, Ýer ýüzünde ýaşaýan ilatyň iň köp tomaşa edýän sport görnüşi futboldan soň hokkeýdir.

Sportuň hokkeý görnüşi XVI — XVII asyrlarda Gollandiýada döräpdir diýlip hasap edilýär. Bu ýurtda ýerli halk tarapyndan ilkinji hokkeýe meňzeş oýun oýnalypdyr. Oýnuň «hokkeý» ady bolsa «çeňňek» diýmegi aňladýan «hoquet» diýen gadymy fransuz sözünden gelip çykan hasap edilýär.

Türkmenistanda sportuň hokkeý görnüşiniň döreýiş we ösüş taryhy Gahryman Arkadagymyzyň döwletimize baştutanlyk eden ýyllary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Geçen ýyllaryň Gyşky oýunlar dowamynda ýurdumyzda Gyşky sport toplumy, Milli olimpiýa sport toplumy ýaly gyşky oýunlar üçin niýetlenen desgalar gurlup ulanylmaga berildi. Bu häzirki zaman ýokary talaplaryna laýyk gelýän binalarda hokkeý oýnamak üçin buzly meýdançalar we beýleki zerurlyklar göz öňünde tutulandyr. Bu binalarda milli hokkeý ýygyndy toparlary, ýaş hokkeýçiler türgenleşdirilýär. Sportuň bu görnüşi boýunça bellenilen talaplara görä, ýedi ýaşdan — on üç ýaşa çenli oýunçylar kiçi ýaş toparlaryna, on dört ýaşdan — on alty ýaşa çenli oýunçylar ýetginjekler toparyna, şondan ýokary ýaşdaky oýunçylar ulular toparyna degişli edilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň nusgalyk şahsy göreldesinden ruhlanan ýaş, ýethinjek, körpe nesilleriň bu sport görnüşine höwesli gelmegi bilen, 2011-nji ýylda paýtagtymyzyň garamagynda ilkinji «Oguzhan», «Alp Arslan», «Şir», «Bürgüt» toparlary döredildi. Şol ýylyň özünde Türkmenistanyň hokkeý ýygyndysy hem döredildi. 2013-nji ýylda Türkmenistanyň hokkeý ýygyndysy Rustam Kerimowyň ýolbaşçylygynda dostlukly Belarus Respublikasynyň paýtagty Minsk şäheriniň ýygyndy topary bilen ilkinji halkara oýnuny oýnap, 7:2 hasabynda ýeňiş gazandy.

Milli hokkeý ýygyndymyz şol döwürlerde, esasan, «Oguzhan», «Galkan», «Şir» toparlarynyň oýunçylaryndan düzülendi. 2015-nji ýylda ýygyndy toparymyz buzuň üstünde oýnalýan hokkeý boýunça Halkara federasiýasynyň agzalygyna kabul edildi.

Şeýle ýyldyrym çaltlygynda ösüp barýn milli hokkeý ýygyndymyza 2016-njy ýyldan başlap Baýram Allaýarow tälim berip başlady. Milli ýygyndy toparymyzyň gazanan ilkinji ýeňişli oýny hökmünde 2017-nji ýylyň 18-nji fewralynda dostlukly Malaýziýa döwletiniň milli ýygyndy toparyny 9:2 hasaby bilen utmagyny görkezýärler. Iň uly ýeňişli oýny hökmünde bolsa 2018-nji ýylyň 26-njy fewralynda Saraýewa, Bosniýa we Gersegowinada bolup geçen Hokkeý boýunça dünýä çempionatynda dostlukly Kuweýt döwletiniň milli ýygyndy toparyny 24:2 hasaby bilen utmagyny ýatlaýarlar. Bu Çempionatda milli ýygyndy toparymyz üçünji diwizionda şowly çykyş edip, 2019-njy ýyldaky Dünýä çempionatynda hem üçünji diwizionda çykyş etmäge hukuk gazandy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen, milli sportumyzy, şol sanda hokkeýi ösdürmek, türgenlerimiziň ýokary netijeleri gazanyp, ýurdumyzyň sport abraýyny mundan beýläk-de belent basgançaklara çykarmak üçin giň gerimli işler amala aşyrylýar. Muňa milli hokgeý ýygyndymyzyň 2020-nji, 2021-nji we 2022-nji ýyllarda gazanan netijeleri, üstünlikli çykyşlary hem aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurdumyzda ýaş türgenleriň okuw-türgenleşikleriniň döwrebap guralmagy üçin ähli şertler döredilýär. Munuň özi ýurdumyzyň ýokary sportdaky abraýyny belent basgançaklara çykarmakda öňe ädilýän aýgytly ädimlerdir diýip aýtmak bolar.

...Bellenilen kada laýyklykda, kiçi ýaşly türgenler üçin gök reňkli şaýba, derwezeban üçin ak reňkli şaýba, türgenleşik üçin mämişi reňkli şaýba, oýunlar üçin gara reňkli şaýba tassyklanylandyr. Milli hokkeý toparlarymyzyň we ýygyndy toparymyzyň gündelik türgenleşiklerinde we oýunlarynda bu şaýbalaryň her birindäki hereketler örän işjeň häsiýete eýedir diýip aýtmak bolar. Bu ýagdaý milli hokkeý sportumyzda geljekki ýeňişlerimiziň, üstünliklerimiziň girewidir.

Biz milli sportumyzy dünýä derejesinde ösdürýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda üstünlik arzuw edýäris.

Madina MAHMUDOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 5-nji ýyl talyby.




# Milli gymmatlyklarymyz dünýäniň üns merkezinde

Bilşimiz ýaly, «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylymyz şatlykly wakalara, şanly senelere beslenen ýyllaryň biri boldy. Bu ýylyň dowamynda Türkmenistan döwletimiz bilen ÝUNESKO-nyň arasynda özara bähbitli gatnaşyklarda täze üstünlikler gazanyldy. Olaryň biri-de şu ýylyň 5-nji dekabrynda Botswananyň Kasane şäherinde geçirilen ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasy goramak boýunça Hökümetara komitetiniň 18-nji sessiýasynda Ahalteke atçylyk sungatynyň we at bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegidir.

Türkmenistan tarapyndan hödürlenen bu teklibi Hökümetara komitetiniň agzalygyna girýän 24 döwlet biragyzdan goldady. Hakykatdan-da, türkmen ata-babalarymyz Jygalybeg, Görogly, Aba seýis ýaly meşhur seýisleriň hünär mekdebinden ugur alýan ajaýyp ahalteke bedewlerimizi seýislemek, aýlawlarda çapmak, olary sünnäläp bezemek babatda nusgalyk mekdep bolan taryhy tejribäni toplapdyrlar. Şu günki gün bu ugurlarda ýetilen derejeler dünýä jemgyýetçiligini, bedew janköýerlerini haýrana goýýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan ajaýyp däplerimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilmek bilen, bedewlerimize goýulýan sarpa has-da täze derejelere çykýar. Ýurdumyzda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi, her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesiniň Türkmen bedewiniň güni hökmünde baýram edilip bellenilmegi aýdylanlara aýdyň şaýatlyk edýän ýagdaýdyr.

Türkmen bedewlerimizi bezemekde ussat zergärlerimiz bilen birlikde ene-mamalarymyzyň, gelin-gyzlarymyzyň el hünäriniň hem aýrylmaz möhüm ähmiýeti bardyr. Gelin-gyzlarymyz atlara geýdirilýän we dakylýan dürli bezegleri, alajalary taýýarlaýarlar.

Biz Ahalteke atçylyk sungatynyň we at bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň Umumadamzat maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi bilen ähli ildeşlerimizi gutlaýarys. Milli gymmatlyklarymyzy dünýä ýaýmakda nusgalyk görelde görkezýän Gahryman



Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýäris.

Arzuw ŞAÝYMOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.



# Meýletinçileriň üstünlikleri

29-njy dekabrda Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetinde meýletinçileri sylaglamak dabarasy geçirildi.

Mälim bolşy ýaly, paýtagtymyzyň gözelligine görk goşup duran Olimpiýa şäherçesi iri sport ýaryşlarynyň, dünýä çempionatlarynyň geçirilýän mekanyna öwrüldi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda bu ýerde geçirilen ýaryşlara gatnaşmaga gelen daşary ýurtly türgenlerdir myhmanlary mynasyp garşy almakda we ýaryşlaryň guramaçylykly geçirilmegi üçin meýletinçi talyplar özleriniň yhlasly zähmetlerini sarp etdiler.

2023-nji ýylyň dowamynda bu ýerdäki Tennis toplumynda Merkezi Aziýanyň çempionatynda we Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda geçirilen Kuraş boýunça dünýä çempionatynda meýletinçiler guramaçylygyň ýokary derejesini görkezdiler. Olar sazlaşykly hereketleri, myhmansöýerligi, ynsanperwerligi hem-de öz işlerine bolan söýgüsi bilen paýtagtymyzyň myhmanlarynyň hoşallygyna mynasyp boldular. Şanly ýylymyzy jemläp, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip atlandyrylan Täze ýylyň bosagasynda paýtagtymyzdaky Gyşky oýunlar toplumynda ýene-de bir uly çäre — dostlukly ýurtlarynyň aýdymçylarynyň baýramçylyk konsertleri guraldy. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň meýletinçiler topary bu medeni çäreleriň şatlyk-şowhunly geçirilmegi üçin hem mynasyp goşantlaryny goşdular.

Sylaglanyş çäresinde meýletinçilere Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dostluguň, parahatçylygyň, sportuň hem-de Olimpiýa hereketiniň belent ýörelgelerini rowaçlandyrýan, halklaryň agzybirligini we jebisligini alamatlandyrýan ajaýyp syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylmagyna hem-de Aşgabat şäherinde Kuraş boýunça dünýä çempionatynyň ýokary derejede gurmaçylykly geçirilmegine meýletinçi hökmünde goşan şahsy goşantlary, çeken yhlasly we tutanýerli zähmetleri üçin Hormat hatlary gowşuryldy.

**Gülnur BAÝLYÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby, meýletinçi.**



# ÇEPER GIMNASTIKA: taryhy we şu güni

*(oçerk)*

## Giriş: Dalkrozyň ulgamy

XX asyryň segseninji ýyllaryndan başlap, teleýaýlymlar arkaly alnyp görkezilip başlan bir gepleşik kopleriň ünsüni özüne çekipdi. Ol gepleşik «Ritmiki gimnastika» diýlip atlandyrylýardy. Birbada gepleşigiň bu adynyň sportuň degişli görnüşiniň ady bilen baglydygy köplere mälim bolmandy. Çünki ritmiki gimnastika XX asyryň başlaryndan ýaýrap ugranam bolsa, onuň ady asyryň ahyrlaryna çenli adamlara o diýen tanyş däldi...

Ženewa konserwatoriýasynyň professory Emil Žak-Dalkroz ýatkeşlik ukybyny terbiýelemäge gönükdirilen solfedjio dersinden okadýan döwri ol talyplaryň saz bilen bilelikde hereket eden wagtlarynda sapakda berilýän maglumatlary has gowy özleşdirýändiklerini duýupdyr. Hatda saz äheňlerini ýatda saklamak we hiňlenip bilmek babatda iň ukupsyz talyplar hem saz bilen bilelikde hereket edenlerinde maglumatlary geregiçe özleşdirmegi başarypdyrlar.

Emil Žak-Dalkroz talyplaryň saz eseriniň ritmiki düzümini kabul edip, ony duýup bilmekleri üçin olara solfedjio dersinde dirižýoryň el hereketlerinden peýdalanmagy



teklip edipdir. Bu usul talyplara sazyň ritmini duýmaga kömek edipdir. Has soňra Dalkroz ritmiki hereketler ýerine ýetirilende ulanylýan el hereketleriniň üstüne ädimleri, ylgawlary we towusmalary hem goşupdyr. Şeýlelikde, Dalkroz tarapyndan saz äheňleriniň hereketler bilen sazlaşykly utgaşdyrylyp ýerine ýetirmek usulunyň döredilmegine solfedjio dersi sebäp bolupdyr.

Solfedjiony öwretmegiň bu usuly «Ritmiki gimnastika ulgamy» diýlip atlandyrylan ulgamyň başlangyjy bolupdyr. Soňra bu ulgam «Ritmika» diýlip atlandyrylypdyr. Ol özüniň ilkinji döwürlerinde fransuz dilinde faire les pas («adim ätmek») diýlip atlandyrylypdyr. Şonuň bilen baglanyşykly şol döwürde pas Jaques («Žakyň ädimleri») diýen degişme hem ýörgünli bolupdyr.

## Sungatyň bosagasynda

Şeýlelik bilen, saz terbiýe hünär dünýäsinde täze özgerişler emele gelip başlapdyr. Dalkroz saz elementlerini beýan etmekde bütin bedeniň gatnaşmagynyň zerurlygyny duýupdyr we bedeniň hereket edijilik ukyby bilen eşidip bilmek ukybynyň arasyndaky baglanyşygy gözläpdir. Ol sungatyň täze görnüşiniň bosagasynda durandygyna, özüniň şol bosaga tolgunma bilen ýakynlaşýandygyna düşünipdir.

Dalkroz özüniň bu ulgamynyň gutarnykly ýagdaýda emele gälmändigine we özi tarapyndan döredilen maşklaryň ähmiýetiniň köpçülikleýin kabul edilmejekdigine akyl ýetiripdir. Ondan daşgary hem ritmiki gimnastika gönüden-göni şahsy tejribe bilen baglanyşykly bolupdyr. Ilkibada munuň hakykatdan-da şeýledigini

gimnastikany ritmli çalynýan saz bilen ulgamlaýyn utgaşdyrýar. Bu gimnastika döwründe beden saz bilen sazlaşykly hereket edip, nerw we muskul işjeňliginiň arasynda utgaşma ösýär. Gimnastikanyň bu usuly iň çylşyrymly we çalt hereketlerde-de adamyň bedeniniň öz-özünden sazy duýup, degişli depgine görä hereket etmegine mümkinçilik berýär. Şeýle-de Dalkrozyň döreden bu ulgamy bedeniň kämilleşmegine, onuň duýujylygyny artdyrmakda hem-de ýatkeşligiň ösmeginde möhüm orun eýeleýär.

## Ýönekeý ädim ätmekmi, gimnastikamy ýa-da başga-başgalar

Ritmiki terbiýe usulyny döretmegiň üstünde 1900 — 1912-nji ýyllarda işlenip başlanýar. Başda «ädim ätmek», soňra «ritmiki gimnastika» diýlip atlandyrylan bu usuly käbir adamlar onuň adyndaky «gimnastika» sözi zerarly adaty sport gimnastikasy bilen gatyşdyrypdyrlar. Şol sebäpli Dalkroz bu sözüň öňüne «ritmika» diýen aýyklaýjyny goşup, onuň adaty gimnastikadan tapawutlydygyny düşündirmäge çalşypdyr. Häzirki döwürde bir wagtda hem sportuň, hem sungatyň önümi bolan bu görnüşi atlandyrmak üçin öňde agzalyp geçilen atlaryň ikisi hem ulanylýar.

## Ritmiki hereketleriň döreýiş taryhy

Ritmiki gimnastikanyň Dalkroz tarapyndan döredilmeginiň özboluşly taryhy bar. Ženewa konserwatoriýasynda talyplaryň sazy eşidip bilijilik we saz

şägirtleriniň biri, suratkeş Pol Perrele hem tassyklapdyr. Ol suratkeş hökmünde ritmikany görüş ýoly arkaly synlamak bilen halypasynyň tapyndysyna baha beripdir. Ýöne bütin bedeni bilen ritmikany duýanyndan soň, onuň pikiri üýtgäpdir. Ritmiki gimnastikanyň onuň bedeninde emele getiren şatlygy onda ýatdan çykmajak duýgulary galdyrypdyr. Ol ritmika hakynda oňa gatnaşmazdan netije çykarmagyň nädogrudyny öz mysalynda subut edipdir.

## Maksatlary we wezipeleri

Dalkrozyň öz döreden ulgamynyň maksatlaryna we wezipelerine bolan ilkinji talaplary ýönekeý bolupdyr. Ol öňden bar bolan gimnastika çeper elementleri girizmek we psihika bilen fizikanyň arasynda içki baglanyşygy ýola goýmak isläpdir. Bu maksada ýetmek üçin ýörite sazy, özi hem ses hereketleriniň ähli öwüşginleri ýokary takyklyk bilen berilýän sazy ulanmak zerur diýip hasap edipdir. Dalkroz özüne täze tans sungatyny döretmek ýa-da sazdaky köne nusgawy ritmleri aýyrmak isleginiň ýöňkelmegine düýpgöter garşy bolupdyr. Ol duýgynyň tebigylygyny beýan etmäge dolanmak isleýändigini, saz bilen hereketdäki çişirilen ýasama tehnikany aradan aýyrmak isleýändigini, hereketiň sadalygynyň psihofiziki mehanizmini mümkingadar gaýtaryp getirmek isleýändigini beýan edipdir.

## Dünýä dolmak

Ritmiki gimnastikanyň ynsan beden agzalarynyň sazlaşykly ösmeginde özboluşly aýratynlyga eýedigine göz ýetirilenden soň, XX asyryň başlaryndan başlap oňa uly üns berlip başlanypdyr. Örän gysga döwrüň dowamynda bu usulyň sport hem-de sungat görnüşi hökmünde ykrar edilmeginiň tarapdarlarynyň sany artypdyr. 1905-nji ýylda Ženewa konserwatoriýasynda ritmiki gimnastika boýunça ilkinji ýöriteleşdrilen okuw girizilipdir. 1911-nji ýylda Žak-Dalkrozyň saz we ritmika instituty, 1912-nji ýylyň güýzünde Russiýanyň Sankt-Peterburg şäherinde ýörite ritmiki gimnastika okuw merkezi açylypdyr. Şondan soň ritmiki gimnastika sungat äleminde hem doly ykrar edilýär. Bu görnüş, esasan-da, nusgawy balet mekdeplerinde gyzgyn garşylanýar.

1963-nji ýylda ritmiki gimnastika boýunça dünýä çempionaty geçirilipdir. Wagtyň geçmegi bilen, bu görnüş «çeper gimnastika» diýlip atlandyrylyp başlanypdyr. Ol häzirki günlerimizde şu at bilen hem meşhurdyr.

Humaý MUHYÝEWA,
Türkmen döwlet bedeterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 2-nji ýyl talyby.

# ВО ИМЯ НАШЕЙ ЛЮБИМОЙ РОДИНЫ

*(беседа за «круглым столом»)*

От редакции:

Сельби Бяшимова являясь постоянним волонтёром в таких мероприятиях, как Чемпионат мира по Курашу, и на этот раз посвятила все свои умении и навыки широкому освещению чемпионата, написала много информации и статьи и в результате она стала журналистом месяца в институте.

По хорошим традициям в нашем институте широко отмечается каждый успех и достижение студентов-молодежь, которые со всей силой и умением выполняют всех заданий, которые даются в институтских буднях, в процессе учёбы и вовремя разных спортивных мероприятиях, как Чемпионат мира по Курашу, который проводилось в столице нашей Родины.

Одной из таких наших гордостей является Сельби БЯШИМОВА, студентка 3-го курса по профессией спортивной журналистики Факультета физкультуры.

Исходя из таких приятных моментов мы провели беседу за «круглым столом» с нашей однокурсницей.

**Говхер ГАРЛЫЕВА:**

**— Сельби, мне очень нравится, когда тебе дают задание и спрашивают: «Сможешь ли справляться?», ты всегда отвечаешь: «Почему бы нет?!» Мне кажется, что в этом риторическом вопросе очень ясно выражается твоя готовность и способность к выполнению любых задач во имя нашей любимой Родины?**

Сельби БЯШИМОВА:

— Спасибо вам! В первую очередь, хочу выразить благодарность нашему Герою-Аркадагу и нашему Президенту за то, что создают все условия и возможности для учёбы и творчества. Хочу отметить, что каждый человек в своей жизни должен иметь широкое мировоззрение. Суть не в том, что эта какая-то обязанность. Человек сам должен тянуться неизданному, любим знаниям, которые помогут расширить кругозор. Мне всегда интересно то, чего я не умею делать, чего не знаю, стараюсь всегда соглашаться в любых начинаниях. В своей жизни я занималась многими вещами, связанными с творчеством. Когда я была поменьше, в возрасте девяти, меня родители отдали в музыкальную школу. И мне кажется, это было моё первое начало. Отучиваясь на специализации фортепиано, я освоила многое в классической музыке и выступала на концертах. После заинтересовалась живописью, в свободное время в своих черновиках я писала небольшие истории. По натуре, я творческий человек, но в то же время меня интересовала и наука. Кружки по математике дали мне глубокую основу в своих научных знаниях.

**Марал ШАМУХАММЕДОВА:**

**— Как один из наших преподавателей отметил, у тебя творческий мир имеет трёх начал: журналистское, переводческое и педагогическое. Как ты сама на это смотришь?**

Сельби БЯШИМОВА:

— Совершенствование играет важный роль в жизни человека не просто так. Ты не можешь просто знать языки, их разговорную речь, нужно много читать в этих языках художественные и публицистические произведения и освоенные знания надо использовать в своих трудовых буднях. Ибо теория одно, а практика — совсем другое. Писать статьи и редактировать материалы я научилась здесь, в институте, изучая жанры журналистики. Что насчёт знания языков — этому всему в первую очередь способствовала семя. С детства они вносили в мою жизнь русский язык. Сами, будучи носителями этого языка, отдали в русское отделение и в садике, и в школе. Начало английского языка я взяла с кружков, а также помогали книги, живое общение и просмотры фильмов на этом языке. И поэтому, научиться переводу документов мне не составило особого труда. Мои родители посвятили свои жизни педагогической работе, воспитанию нынешней счастливой поколении. Мои педагогическое начало берёт свои корни по доброй традиции у родителей. И поэтому я стала волонтёром в Образовательном центре, далее мне удалось устроиться там на работу, и даже посчастливилось побывать учителем. Это помогло мне осознать, что я люблю детей и что мне интересно с ними вести занятие.




**Говхер ГАРЛЫЕВА:**

**— Мы — будущие журналисты, берём из тебя пример во всём. Но и ещё у тебя ест наверно взгляд на то, что какими должны выглядеть наша молодёжь, какие черты характера у них должна выявляться в процессе учёбы и вовремя разных мероприятиях?**

Сельби БЯШИМОВА:

— Первой чертой характера растущего поколения должна быть заинтересованность в чём-то новом, мир вокруг неограничен и здесь есть миллионы вещей, чего ещё учёные не изучили. По их оценкам, лишь около 5% земной поверхности было полностью исследовано, мировой океан изучен лишь на 2-5%, не говоря уже о Вселенной, которую мы даже незнаем на 0,1%. Неизведанного много, и я думаю, молодое поколение должна быть заинтересована в изучении и открытии чего-то нового. Человек должен развиваться, познать историю, культуру, искусство и науку. И стремиться развитию. Будучи студентом нужно всегда заниматься практической работой. Этим появляется интерес человека, когда он знания приводит к действию. Я, когда была на практике со своей группой во втором курсе, изучила многое. Особенная часть для меня было то, что мы сначала писали статьи, и уже после наш наставник рассказывал в каком жанре мы написали. И писали мы на любую тему. И поэтому я считаю, что практика — самая важная часть в изучении профессии.

**Марал ШАМУХАММЕДОВА:**

**— Сельби, мы тебе очень благодарны за то, что ты отзывалась нашему предложению провести с тобой беседу за «круглым столом» и за интересной беседы. Желаем тебе и в дальнейшем больших успехов в учёбе и творческой деятельности.**

Сельби БЯШИМОВА:

— Я искренно благодарно своим друзьям и преподавателям за то, что они оценили моё усердие. Также хочу поздравить всех с наступающим Новым годом, пожелать всем здоровья, радости и счастья. Желаю всем уверенности и оптимизма в грядущем году, благополучия и неутомимого стремления к своим победам. Пусть счастьем и добротой наполнен будет дом каждого из нас. Я хочу выразить Герою- Аркадагу и Президенту нашему долгих лет жизни, крепкого здоровья и успехов в государственных начинаниях.

## BILIMDE, YLYMDA, DÖREDIJILIK IŞINDE ÜSTÜNLIKLER



Žaloleddin BALTABAÝEW, Ýylyň dürli sport çärelerini surata düşürmekde işjeňlik görkezeni üçin.



Şasenem AŞIROWA, Ýylyň çärelerini wagyz etmekde işjeňlik görkezeni üçin.



Selbi BABANAZAROWA, Ýylyň çärelerini wagyz etmekde işjeňlik görkezeni üçin.



Maral ŞAMUHAMMEDOWA, Ýylyň çärelerini wagyz etmekde işjeňlik görkezeni üçin.

**Buýsançly netijelere beslenip jemlenip barýan Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyz, şeýle hem ýetip gelýän 2024-nji ýyl mynasybetli, «Talyp sporty» gazetimiziň redaksiýasy sport žurnalistikasynyň işjeňleriniň arasynda Täze ýyly gysga setirlerde, çuňňur many-mazmunly we çeper beýan etmek boýunça bäsleşik yglan etdi.**

**Biz şol bäsleşikde ýeňiji bolan talyp ýoldaşlarymyzyň üçüsiniň gutlaglaryny okyjylarymyza ýetirýäris.**

## UNUDYLMAJAK PURSATLAR

Täze ýyl — maşgala baýramçylygy. Ol ynsan kalplaryna nur paýlaýan, uly-uly umytlara, owadan arzuwlara besleýän örän üýtgeşik, jadyly baýramçylyk. Täze ýyl baýramyny öz milli senenamalarynda resmileşdirip ulanýan medeniýetleriň köpüsinde Täze ýyl baýramyny bellemek örän möhüm çäreleriň biri bolup durýar.

Biziň ýurdymyzda Täze ýyl her ýylyň 31-nji dekabryndan — 1-nji ýanwaryna geçilýän pursatlarda bellenilýär. Her bir maşgalada saçaklar giňden ýazylyp, Täze ýyl ýagşy niýetler bilen garşy alynýar. Dogan-garyndaşlaryň, dost-ýarlaryň, hemme ýakynlaryň bilen bellenilýänligi üçin ol ynsan kalbynda unudylmajak pursatlar bolup galýar.



Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzyň 15-nji dekabrynda ýurdumyzda, şol sanda paýtagtymyz Aşgabatda, ajaýyp Arkadag şäherinde Täze ýyl arçalarynyň ýşyklarynyň ýakylmagy örän çuňňur mana eýedir. Ol ýurdumyza her bir ýylyň uly toý dabaralaryna beslenip gelmegi, her bir ýylyň ruhumyzyň taryhyna altyn sahypa bolup girjekdigi.

Baýramçylyk günlerinde sungat ussatlary: meşhur estrada ýyldyzlarymyz, tans toparlarymyz, artistlerimizdir wäşilerimiz täze döreden eserleri: aýdymlary, tansdyr sazly kompozisýalary, dürli sahna oýunlary bilen ýene-de ruhy dünýämizi gözellik lezzetine beslärler.

Bezelen Täze ýyl arçasy, joşgunly aýdym-sazlar, ýaşlaryň, bagtyýar çagalardyr körpeleriň şadyýan şowhuny milli baýramymyzyň özboluşly mazmunyny artdyrýar.

**Mährigözel SUWHANOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



# Kalplara şugla salýar

Her bir täzelenýän ýyl ynsan ömrüniň dowamlylygynyň alamaty bolup kalplara şugla salyar. Baýramlaryň arasynda Täze ýyl baýramynyň aýratyn ornunyň bardygy-da, mümkin, şundandyr. Adamlar birnäçe günläp nähilidir bir gowluga garaşmak duýgusy bilen ýaşaýarlar. Şäherler, köçelerdäki arçalar edil jadyly köşkler ýaly lowurdaýarlar. Adamlar birek-birege: «Täze ýylyňyz gutly bolsun, bagt getirsin!» diýip ýagşy dilegler edýärler.

Haýran galdyryjy ýagdaýlaryň ýene-de biri Täze ýyl baýramynyň guralyşydyr. Bu baýramçylyga niýetläp arçalar öwüşgünli bezelýär. Uludan-kiçä her bir adam sagadyň dilleriniň gije 12-00-yň üstünde tapyşmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýar. Saçaklarda bosaga gelen täze müçe ýylyna görä, balygyň halaýan tagamlary, balygyň halaýan reňkleri diýip, dürli öwüşginli datly tagamlar häzirlenendir. ,adamlara täze ýyl sowgadyny bermek bilen gyzyklandyrýar.

Ine bolsa, bosagada — 2024-nji ýyl! Bu ýylyň her bir gününde maşgalaňyz we ýakynlaryňyz bilen wagty bagtly, ýakymly, agzybir, asuda, gözellik bilen gecirmeňizi arzuw edýärin. 2024-nji ýylda üstünlikleriňiz köp bolsun! Täze ýylda ýakymly ýatlamalar bilen gurşalyp alnalyň. Täze ýyl başymyza gonan bagt guşudyr. Ondan köňül küýsegimize gowuşmak özümize bagly. Täze ýyl arzuwlaryňyzy hasyl edýän ýyl bolsun!

**Maral ŞAMUHAMMEDOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



# ÝOLUŇYZ AK BOLSUN! MENZILLERE UZASYN!



Täze ýyl baýramynyň ýetip gelmegi mynasybetli, ildeşlerime, deň-duşlaryma gutlaglarymy ýetiresim geldi. Goý, umytly arzuwlarym size bu ak ýollarda ýoldaş bolsun we Täze ýylda hasyl bolsun! Söýgiňiziň ömrüňize şugla saçyp durmagyny, adamlara mähriňizi paýlap, iň gowy häsiýetli adamlary durmuşyňyzda çelgi edinip öňe gitmegiňizi arzuw edýärin!

Maşgalaňyzyň, hossarlaryňyzyň, dostlaryňyzyň ýakynlygy ýüregüňüzi şatlykdan püre-pür doldursun!

Bosaga gelen balyk ýylynda, mähriban ildeşler, siziň hemmäňize jan saglyk, maşgalaňyza agzybirlik, tükeniksiz bereket arzuw edýärin! Goý, geçen ýyldaky başyňa baran ýagşy işleriňiz Täze ýylda üstünliklere ýetirsin.

Bu ýylda ähli ýakynlarymyza, maşgalamyza, halypa mugallymlarymyza, talyp deň-duşlarymyza bu ak ýollarda beren goldawlary üçin ak ýüregümizden hoşallygymyzy bildireliň. Bu şanly Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyz bilen bagly ýakymly ýatlamalar ömür kitabymyza ýazjak ýagşy hekaýatlarymyz bolsun. Bu ajaýyp ýyldaky başdangeçirmelerimiz soň bir pursatlarda ömür kitabymyzyň sahypalaryny gaýtadan agdarýan pursatlarymyzda okap, öz ýanymyzdan çalaja ýylgyrtjak, şeýle hem ykbalyň özümize şeýle pursatlary sowgat edendigine guwanyp gözlerimizde begenç ýaşlaryny döretjek pursatlar bolsun. Goý, bu ýatlamalar ömrümize ömür goşsun!

Geljek balyk ýyly, edil ertekilerdäki tylla balyk ýaly, bizi ýürekde beslän arzuwlarymyza ýetirsin. Döredijilik ylhamyňyz ýoluňyza ýalkym saçyp, galamyňyzyň ujy hemişe ýiti bolsun. Geljek ýylda berkarar döwletimiziň dürli ugurlarda, şol sanda sport ulgamynda gazanýan üstünliklerini dünýä wagyz etmekde hemişe üstünlik hemraňyz bolsun.

Bu ýylda dostlaryňyz, şeýle hem ähli ýakynlaryňyz bilen başdangeçirmeleriňiz ömürlik dostlukly gatnaşyklara binýat bolsun! Täze — 2024-nji ýylyň ak gary ýaly, ýoluňyz ak bolsun!

Geldimyrat SOLTOWOW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.

# Maksatly ýollaryň üstünlikli menzilleri



Bu halypa tälimçi barada ýakymly gürrüňlerden öňden hem gulagymyz gangyndy. Ýöne ol barada ýazmakçy bolýanymyzy eşideninde, ussadyň şägirdi Kamila Pardaýewa:

— Halypa hakynda ýazmakçy bolýan bolsaňyz, onda onuň: «Öňüňizde bir maksat goýuň, şol maksada ýetmek üçin öz üstüňizde özüňiz işlemegi başaryň!» diýen jümlelerini ýatlamagy unutmaň. Çünki şägirtleri öz maksatly ýollaryna şol atalyk pendi bilen gadam urandyrlar — diýip zynharlady.

Elbetde, durmuşda öz öňüňde maksat goýup, oňa okgunly ýetmäge ymtylmak özüňe bolan ynamyňy artdyrýar. Şägirtlerine öz maksatly menzillerinde üstünlige ýetmäge ýardam edýän şeýle talapkär halypa Dörtguly Tejenow diýýärler.

Bu halypa tälimçiniň ady öň hem sport janköýerleriniň, aýratyn-da başa-baş söweş sungaty sport görnüşleriniň muşdaklarynyň arasynda giňden belli. Ýöne Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzda paýtagtymyzda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionaty dowam edýän günlerinde biz bu ussat tälimçiniň diňe bir özüni tanamak bilen çäklenmän, eýsem öz şägirtleri bilen geçirýän türgenleşiklerine golaýdan tomaşa etmäge, mümkinçilik aldyk. Özümize bu çärede meýletinçilik boýunça tabşyrylan ýumuşlary ýerine ýetirip ýörşümize, biz esasy hünärimiz bolan žurnalistlik bilesigelijiligimize laýyklykda, gabat gelen pursatlarda halypa bilen hünär ýolunyň, sportda ussatlygyň inçe ýollary barada gürrüňdeş bolduk.

...Paýtagtymyzda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynyň öňüsyrasynda milli ýygyndy toparymyza saýlanan türgenlerimiz bilen dostlukly Gyrgyz Respublikasynyň Yssykköl şäherinde, şeýle-de Gahryman Arkadagymyzyň häzirki zaman şähergurluşyk ylhamynyň miwesi bolan Arkadag şäherimiziň sport desgalarynda hem ilkinji bolup türgenleşik işleri geçirildi.

Belli bolşy ýaly, dürli döwletleriň sport desgalarynda türgenleşikleri geçmek, bir tarapdan, şol ýurtlaryň sport türgenleşikleri, ýaryşlary üçin göz öňünde tutulan maddy-enjamlaýyn binýadyň oňaýlyklaryny göz öňünde tutýan bolsa, beýleki bir tarapdan, ýerleriň howa şertlerine uýgunlaşmak zerurlygyny hem göz öňünde tutýar. Şägirtleriniň diňe bir sportuň emellerini, usullaryny maksadalaýyk ele almaklary ugrunda alada etmek bilen çäklenmän, Dörtguly Tejenow sport-lukmançylyk nukdaýnazarly maslahatlaryny hem hemişe olaryň gulagyna guýup durýar. Elbetde, ýyllaryň dowamynda kemala gelen, kämillige ýeten tejribäňi ýaş şägirtlere bir günde, bir türgenleşikde öwretmek mümkin däl. Ýöne halypanyň nukdaýnazary bilen baha berleninde, hut şu mümkin dällik hem hünär menzillerinden ynamly gadam urup barýan ynsanyň gündelik iş-aladalaryny düzýär.

Şeýlelikde, yhlasly çekilen zähmet miwesini berip, türgenlerimiz Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynda altyn, kümüş, bürünç medallaryň eýeleri boldular. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzyň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ylmy-amaly maslahatyň we serginiň dowamynda paýtagtymyzda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatynda altyn medallara mynasyp bolan milli türgenlerimiz, şeýle hem olara tälimçilik eden halypalar Dörtguly Tejenow bilen Şirin Kubaýewa gymmat bahaly Şa serpaýlary — ýeňil awtoulaglar sowgat berildi. Şeýle-de halypa Dörtguly Tejenow şu ýakymly wakanyň öňüsyrasynda Halkara Kuraş assosiasiýasy tarapyndan çempionatyň netijeleri boýunça ýylyň kuraş boýunça iň gowy tälimçisi diýlip yglan edildi.

Biz halypa tälimçimizi ýetilen belent sepgitler, gazanylan üstünlikler bilen gyzgyn gutlap, mundan beýläk-de ýurdumyzyň sport abraýyny belent basgançaklara çykarjak türgenleri terbiýeläp ýetişdirmegi arzuw edýäris.

Mamagül JORAÝEWA.
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 2-nji ýyl talyby.

# Gündogar ýazgylarynda luw ýyly

Gündogar ýazgylarynda beýan edilmegine görä, gadym wagtda Taňry Täze ýylyň öňüsyrasyndaky günleriň birinde dünýädäki haýwanlaryň ählisini huzuryna çagyrypdyr. Özüne hormat bildirip ýanyna ilkinji bolup gelen her bir haýwana üýtgeşik gowy sowgat etjekdigini hem aýdypdyr.

Bu habary eşidip, haýwanlardan jemi on iki sanysy: syçan, sygyr, bars, towşan, balyk, ýylan, at, goýun, maýmyn, towuk, it, doňuz Taňrynyň huzurynda häzir bolupdyr. Taňrynyň huzuryna ilkinji bolup sygyr gelýän eken. Ýöne syçan has golaýa gelýänçä onuň arkasyna münüpdir-de, ara az galanda ýere böküp düşüp, ilkinji bolup ylgap gaýdypdyr. Şeýdibem syçan ilkinjiligi alanmyş.

Taňry öz huzuryna ilkinji bolup gelen on iki haýwanyň hersine bir ýyldan bagyş edenmiş. Onsoň dünýäde aýlanyp duran şol on iki ýylyň hersine bir müçe diýmek hem adat bolupdyr. Müçe ýyllarynyň hersine hem degişli haýwanyň esasy häsiýetleri berlipmişin.

## Luw ýylynyň aýratynlyklary

Milli müçenamamyza ser salanyňda, ondaky haýwan atlarynyň käbiriniň häzirki döwürde tutulýan atlary bilen, käbirleriniň bolsa has gadymy döwürlerde tutulan atlary bilen atlandyrylandygyny görmek bolýar. Muňa mysal hökmünde balyga derek — luw, ata derek — ýylky, goýna derek — koý, maýmyna derek — bijin, towuga derek — takyk diýlendigini görkezmek bolar.

Luw, ýagny balyk ýylynda doglan adamlar nähili bolýarlar?

Luw ýylynda doglan adamlaryň jany örän sagat bolýar. Olar gujurgaýratly, päk ýürekli, ikiýüzlülik etmeýän, geçirimli adamlar bolýarlar.

Olar ynanjaň we dogruçyl adamlardyr. Sähel zada biynjalyk bolup aladalanýarlar. Elmydama kämillige ymtylýarlar. Şonuň üçin özüne hem-de töweregindäkilere hem talabedijilikli çemeleşýärler.

Luw ýylynda doglanlar ak göwünli, batyrgaý, oňat duýgudaş adamlar bolýarlar. Olara ynanyp iş başyny tutsaň ökünmersiň. Adatça olaryň aýdýan pikirleri esasly bolýar. Olary hemme hormatlaýar, töweregini gurşap alan adamlara täsirleri güýçli bolýar.

Luw ýylynda doglanlar ukyply, sypaýy, göwnaçyk, özüne erk etmegi başarýan adamlardyr. Olar bütin ömrüne horluk ýüzüni görmän ýaşaýarlar. Köp işleri bitirmäge ýetişýärler. Haýsy hünäri saýlap alsa, başarmady diýdirjek gümany ýok. Eger-de olar özlerini beýik işlere bagyş etseler, hökman uly üstünlige eýe bolarlar.

Selbi BABANAZAROWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.







Redaktor Agabaý Akmyradow.

REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:

J.Abdyllaýewa, G. Baýlyýewa, M. Mahmudowa, B. Garaýewa, M. Joraýewa, T. Aziziowa, M. Durdyýewa, A. Amanowa, D. Heşdekow, G. Soltowow, A. Halmedow, J. Baltabaýew.

Salgysy: 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.
Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda taýýarlanyldy.

e-mail: tdbsi@sanly.tm

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

Möçberi: 0,5 çap list.
Sahypa sany: 8

# 2024-nji ÝYL — PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY ÝYLY

## «TALYP SPORTY» elektron gazetimiziň baýramçylyk goşundysy

Gurbanguly
**BERDIMUHAMEDOW**

### PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY

Ähli şygyr äleminiň wepaly hyzmatkäri —
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.
Mizemez binalaryň peýmany-ygtybary —
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Uly-kiçi her bir işde kaýyldyr ol gullugyna,
Külli türkmen halky üçin ömür janly tildigine,
Alynmyşdyr asmanlaryň keramatly belligine,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Baş egip külli türkmeniň eziz jana-janyna,
Müň togap bilen biz barýarys ýanyna.
Barymyzy şärik edýär ägirt şöhrat-şanyna,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Müňýyllykdyr asyrlaryň nurana rowaýaty,
Kömegine mätäçlere — Taňrynyň hemaýaty,
Ähli mekan-zamanlaryň çyn-hakyky raýaty —
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Hormat goýýas päk ruhunyň baýramyna-toýuna,
Tagzym edýäs zer ýalkymly pikirine-küýüne.
Köpetdagyň eteginde galdy bu gün örboýuna,
Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy.

Üç asyryň dowamynda geçen ýoly uludyr,
Halkynyň hem adamzadyň sadyk-sytdyh guludyr,
Hemişe we hemme ýerde şol bir Magtymguludyr,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.
Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy.

### TÄZE ÜSTÜNLIKLERE BADALGA

Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2023-nji ýyl boýunça jemleýji mejlisinde Täze — 2024-nji ýylyň şygarynyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip yglan edilendigini habar bermegi ähli ildeşlerimiz bilen birlikde biz — talyp ýaşlaryň hem göwnümizi joşduryp, okuwda, döredijilikde täze üstünliklere ruhlandyrdy.

Bu şanly ýyl hem Arkadagly Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzda badalga alan belent işler has-da dabaralanyp, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň içeri hem-de daşary syýasat ugurlarynda, bilimde, ylymda, sportda gazanýan netijeleri täze basgançaklara çykar diýip ynanýarys.

Bu şanly ýylda ýurdumyzda Gündogaryň beýik danasy adyny alan Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk şanly toýy halkara derejesinde dabaraly bellenilip geçiler. Şuňa laýyklykda, 2023-nji ýylda şahyryň medeni mirasynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» atly maksatnamasyna girizilendigi örän buçsançlydyr.

Ýurdumyzy ösüşler ýoly bilen öňe ynamly barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda uly üstünlikleri arzuw edýäris.

*Şasenem AŞIROWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*



### Döredijilik gözleglerine giň ýol

2024-nji ýylyň şygarynyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip yglan edilmegi biz — talyp ýaşlar üçin täze döredijilik gözleglerine giň ýol açar diýip ynanýarys.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzda ýaşlaryň ylmy we döredijilik gözleglerine giň ýol açmak bilen, olaryň Garşsyz döwletimiziň ösüşlerine goşýan goşantlaryna mynasyp baha berýär. Döwlet Baştutanymyzyň ýakynda elimize gowşan «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly ajaýyp eseri hem ýaşlaryň Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda alyp baran işlerine bagyşlanypdyr.

Biz ýaşlaryň güýjümiz mähriban Watanymyzyň geljegine bolan mizemez ynamda jemlenýär.

Biz ýaşlaryň bagtyýar geljegi, ylymda, bilimde, döredijilikde uly üstünlikleri gazanyp, Garaşsyz döwletimizi ösüşleriň täze belentliklerine alyp gitmek üçin ezber hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin ägirt uly tagallalary durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, il bähbitli işlerinde rowaçlyk arzuw edýäris.

**Jeren ABDULLAÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# TÄZE ÝYLYŇ ŞOWHUN-ŞATLYGY



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda, halkymyzyň her bir güni toýdur baýramlara, şanly senelere beslenýär. Döwletimiz tarapyndan ildeşlerimiziň Täze ýyl baýramlaryny dabaralandyrmak üçin ýokary derejede alada edilýär. Muňa 24 — 27-nji dekabr aralygynda paýtagtymyza görk berýän Gyşky oýunlar toplumynda dost-doganlyk konsertiniň şowhunly ýagdaýda geçirilendigi hem şaýatlyk edýär.

Konsertiň ilkinji gününde eýranly türkmen aýdymçysy Emin Raseniň, 25-nji dekabrda Türkiýe Respublikasynyň aýdymçylary Kurtuluş bilen Burak Buludyň bilelikdäki çykyşlary, 26-njy dekabrda Russiýa Federasiýasynyň ökde aýdymçylary Olga Şultaýs bilen Anna Wladimir Suroçkowanyň (Nýuşanyň) çykyşlary, 27-nji dekabrda bolsa dost-doganlyk çykyşlary guraldy.

Konsertiň soňky gününde çykyşlar Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýazan kitaby esasynda taýýarlanan edebi-sazly kompozisiýa bilen açyldy. Soňra ýurdumyzyň sungat ussatlary bilen birlikde dostlukly Azerbaýjan Respublikasynyň, Gyrgyz Rezpublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň we Russiýa



Federasiýasynyň aýdymçylary çykyş etdiler.

Çykyşlaryň dowamynda Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken resminamasy esasynda Russiýa Federsiýasynyň at gazanan kompozitory we aýdymçysy Anna Wlafdimyr Suroçkowa Türkmenistanyň at gazanan artisti diýen hormatly adyň dakylandygy barada hoş habaryň berilmegi konserte gatnaşanlaryň göwün guşuny al-asmana göterdi.

Mamagül JORAÝEWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnäalistikasy hünäriniň talyby.





*Aýyň žurnalisti*

# MÄHRIBAN WATANYMYZYŇ HATYRASYNA

*(Tegelek stoluň» başyndaky gürrüňdeşlik)*

Redaksiýadan:

Selbi Bäşimowa Kuraş boýunça dünýä çempionaty ýaly çärelerde hemişelik meýletinçi bolmak bilen, bu gezek hem ähli zehinini we başarnygyny çempionaty giňden wagyz etmäge bagyşlady. Köp sanly habarlary, makalalary ýazdy. Netijede, noýabr aýynyň žurnalisti diýlip yglan edildi.

Emele gelen asylly däbe görä, institutymyzda talyp ýaşlaryň her bir gazanan üstünlikleri giňden bellenilip geçirilýär. Talyp ýaşlarymyz institutyň gündelik durmuşy, okuw işleri, şeýle hem kuraş boýunça XIV dünýä çempionaty ýaly dürli sport çäreleri bilen bagly berlen tabşyryklary ähli başarnyklaryny sarp edip, ýokary hilli ýerine ýetirýärler.

Biziň buýsanjymyz bolan şeýle talyp ýaşlaryň biri Selbi Bäşimowa.

Selbi Bäşimowa Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.

Şeýle ýakymly pursatlarda biz öz topardaş talybymyz bilen «Tegelek stoluň başynda» gürrüňdeşlik guradyk.

***Göwher GARLYÝEWA:***

***— Selbi, maňa seniň bir häsiýetiň gowy ýaraýar. Saňa tabşyryk berip: «Nädersiň, başararmyň?!» diýip soranlaryňda, sen hemişe: «Näme başarman» diýip jogap berýärsiň. Meniň pikirimçe, bu ritoriki soragda seniň mähriban Watanymyzyň hatyrasyna her bir ýumşy bitirmäge taýýarlygyň we ukyplylygyň aýdyň ýüze çykýar.***

Selbi BÄŞIMOWA:

— Sag boluň! Ilki bilen, okamagymyz we döretmegimiz üçin ähli şertleri we mümkinçilikleri döredip beren Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize öz hoşallygymy bildirýärin. Her bir adam durmuşynda giň dünýägaraýyşly bolmagy başarmalydygyny belläsim gelýär. Esasy zat munuň diňe bir borjuň bolup durýanlygy däldir. Her bir adam entek çap edilmedik bir kitapdyr, onuň dünýägaraýşyny giňeltmäge birnäçe maglumatlar kömek edýär. Başarmaýan we bilmeýän zatlaryň bilen gyzyklanýaryn we elmydama her bir ýumşy ýerine ýetirmäge ylalaşmaga çalyşýaryn. Durmuşymda döredijilik bilen baglanyşykly birnäçe ugurda synanyşyk edip gördüm. Entek has kiçi ýaşymdan, 9 ýaşymda wagtym ene-atam meni aýdym-saz mekdebine berdiler. Meniň pikirimçe, bu meniň ilkinji başlangyjymdyr. Fortepiano çalmagy öwrenýärkäm aýdym-saz sungaty bilen bagly köp zatlary öwrendim we konsertlerde çykyş etdim. Surat çekmek bilen meşgullanyp başlanymdan soň, boş wagtlarymda gysgajyk hekaýalary ýazyp görýärdim. Aslynda men döredijilik adamy, ýöne şol bir wagtyň özünde-de ylym bilen gyzyklanýardym. Matematika gurnaklaryna gatnamagym maňa ylmy bilimlerimde çuňňur esaslylygy bagyş etdi.

***Maral ŞAMUHAMMEDOWA:***

***— Mugallymlarymyzyň biriniň belleýşi ýaly, seniň döredijilik dünýäň üç başlangyja eýe. Olar žurnalistlik, terjimeçilik, pedagoglyk. Seniň özüň bu baha nähili garaýarsyň?***

Selbi BÄŞIMOWA:

— Kämilleşmek ynsan durmuşynda ýöne ýere möhüm orun eýelänok. Dürli dilleri we olaryň sözleýiş dilini, bu dillerde köp sanly çeper we publisistik eserleri okamazdan we gündelik durmuşyňda ulanmazdan, aňsatlyk bilen öwrenip bolmaz. Çünki teoriýa we tejribe biri-birinden düýbünden tapawutly düşünjedir. Makalalary ýazmagy, materiallary redaktirlemegi şu ýerde — institutymyzda žurnalistikanyň žanrlaryny we görnüşlerini özleşdirmek arkaly öwrendim. Ýöne dilleri bilmekde, ilkinji nobatda, hossarlarym uly goldaw berdiler. Olar çagalykdan meniň durmuşyma rus dilini girizdiler. Özleri hem bu dilde gepleýän adamlar bolmak bilen, meni çagalar bagynyň hem, orta mekdebiň hem rus bölümine berdiler. Dil merkezlerine gatnap, iňlis dilini öwrenip başladym. Şonuň ýaly-da, kitaplar we bu dilde kinolara tomaşa etmegim hem uly kömek boldy. Şonuň üçin resminamalary terjime etmegi öwrenmek maňa kyn düşmedi. Enem-atam tutuş ömürlerini pedagogiki işe, häzirki bagtyýar nesilleri terbiýelemäge bagyş etdiler. Şu nukdaýnazardan meniň döredijilik dünýämiň pedagogiki başlangyjy öz köklerini enem-atamyň däp bolup gelýän ýagşy görüm-göreldesinden alýar. Şundan ugur alyp, men Bilim merkezinde meýletinçi boldum. Soň bolsa, nesibäm çekip, ol ýerde işledim we hatda mugallymçylyk etmek bagty hem miýesser etdi. Bu bolsa maňa özümiň çagalary näderejede eý görýändigime we olar bilen meşgullanmagyň özüm üçin gyzyklydygyna düşünmäge kömek etdi.




***Göwher GARLYÝEWA:***

***— Biz geljekki žurnalistler, her bir işde senden görelde alýarys. Ýöne şunuň bilen birlikde. sende biziň häzirki ýaşlarymyzyň neneňsi bolmalydygy, olarda okuw hem-de dürli çäreler wagtynda nähili gowy häsiýetleriň açylmalydygy barada garaýyşlar hem bar bolsa gerek?***

Selbi BÄŞIMOWA:

— Ilkinji nobatda ösüp barýan ýaş nesil haýsydyr bir täzelikleri döretmäge ymtylmaly. Ýer togalagynda alymlaryň entek öwrenmedik millionlarça syrlary bar. Olaryň çaklamalaryna görä, Ýer togalagynyň diňe 5 göterim töweregi doly öwrenilipdir. Dünýä ummanlarynyň bary-ýogy 2-5 göterimi öwrenilipdir. Biz hatda dünýäniň 0,1 göterimini hem bilmeýäris. Entek öwrenilmeli zatlar kän. Şonuň üçin men ýaşlar haýsydyr bir täze zatlary öwrenmäge we açmaga gyzyklanmalydyr diýip pikir edýärin. Ynsan kämilleşmelidir, taryhy, medeniýeti, sungaty we ylmy bilmelidir. Ösüşlere ymtylmalydyr. Talyp diýen ada eýe bolmak bilen, hemişe amaly-yejribe işleri bilen meşgullanmalydyr. Adam bilimini herekete getiren halatynda gyzyklanmalar döreýär. Men okuwyň ikinji ýylynda topardaşlarym bilen tejribelikde bolan döwrümde köp peýdaly zatlary öwrendim. Aýratyn täsirli tarapy, biziň ilkibaşda eserleri ýazandygymyz we halypalarymyzyň ýazan eserlerimizi okap görüp, biziň haýsy žanrda we görnüşde ýazmaga ukybymyzyň bardygyny kesgitläp bermekleri boldy. Şeýlelikde, biz islendik temada, islendik žanrda ýazmak üçin tejribe topladyk. Şol sebäpli, men tejribeligi hünär öwrenmekde iň wajyp ugur diýip hasap edýärin.

***Maral ŞAMUHAMMEDOWA:***

***— Selbi, biz saňa öz çakylygymyza seslenip, «Tegelek stoluň» başyndaky gürrüňdeşligimize gelendigiň we beren gyzykly gürrüňleriň üçin çyn ýürekden hoşallygymyzy bildirýäris. Geljekde-de okuwda hem-de döredijilik işinde saňa uly üstünlikleri arzuw edýäris.***

Selbi BÄŞIMOWA:

— Men dostlaryma we mugallymlaryma meni çyn ýürekden goldandyklary üçin minnetdar. Şeýle hem sizi ýetip gelýän Täze ýylyňyz bilen gutlaýaryn we hemmäňize saglyk, şatlyk we bagt arzuw edýärin. Täze ýylda ynam, abadançylyk we ýeňişlere ymtylmagy dileýärin. Goý, her birimiziň öýümiz bagt we hoşniýetlilik bilen dolsun. Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, uzak ömür we işlerinde üstünlik arzuw edýärin.

Göwher GARLYÝEWA,
Maral ŞAMUHAMMEDOWA.

*Rus dilinden terjime eden Selbi BABANAZAROWA,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň*
*Sport žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.*

---

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzy jemlemek boýunça paýtagtymyzda geçirilen Ýaşlaryň ylmy-amaly maslahatynyň we sergisiniň dowamy ýurdumyzyň her bir ulgamynda ýokary netijeleri gazanan ýaşlary sylaglamaga bagyşlanan dabaralara sapdy. Her bir edara-kärhanada ýaşlara iň gowy arzuwlar bilen ýadygarlik sowgatlary gowşuryldy.

Şeýle dabaraly pursatlar biziň Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutymyzda hem bolup geçdi. 2023-nji ýyly iň ýokary netijeler bilen tamamlaýan talyp ýaşlar, türgenlerimiz Täze ýyl mynasybetli Hormat hatlary we gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglanyldy.

Biz hormat eýesi bolan talyp ýoldaşlarymyzy çyn ýürekden gutlamak bilen, olara geljekki ýyllarda hem okuwda, işde, döredijilikde, sport bäsleşiklerinde we türgenleşiklerde uly üstünlikleri arzuw edýäris.

Žaloleddin BALTABAÝEW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň
sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.

